# Dostlaryma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dostlaryma DOSTLARYMA



Ýitmesin dostlarym, ýaşasyn olar…
Adamlar berk tutsa döwrüň talabyn,

Azap, hyzmat, peýda, pul üçin däl-de
Dostluk üçin berer ýaly salamym.
Ýitmesin dostlarym, ýaşasyn olar…
Üstünlik egnime gonan mahaly,
Diňe iş düşüp däl, saglygmy sorap,
«Gum basan» gapymy kakarlar ýaly.

Ýitmesin dostlarym, ýaşasyn olar…
Bir gün belentlikden aşak düşäýsem,
Töhmetden, ýalandan, gybatdan gorap,
Arkama urulsyn pyçak däl-de el.

Ömür gysga, emma uzakdyr bu ýol,
Ýazgydymda şat gün, kyn günem bolar.
Şatlygym, hasratym deň çeker ýaly
Ýitmesin dostlarym, ýaşasyn olar!

Maksat SEÝITLIÝEW. Goşgular